# Türkmenistanyň etnologiýasy boýunça terminleriň sözlügi

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti.

Türkmen dili we edebiýaty fakulteti. I “A” topar

Aşgabat 2018 ý.

,,Ak aş,, tagamy bişirmek dessury-bu däp adatça ýazlagda sagym döwri ýerine ýetirilipdir,bu tagam birinji sagymdan alnan süýtden bişirilýän tüwüli tagam.

,,Goragçy,, dessury- daýhanlaryň aglabasynda ekin meýdanlarynda bu dessyr ulanylyp, ony ,,garantga,, diýip atlandyrypdyrlar.

,,Goşa gawun,,dessury-daýhanyň haýsy hem bolsa biriniň ekininde şeýle gawun duş gelse onda şol gawuny we ýene dokuz gawuny obadaşlaynyň birine eltmeli,bu hiki serpaýy alan obadaşy hem öz gezeginde şoňa laýyk serpaý bermeli.

,,Goýnuň musasy,,- ‘’ak aş’’ tagamynyň Günorta Türkmenistanyň ýerlerinde atlandyrylyşy.

,,Guýy halallamak,, däbi-bu däbe laýyklykda guýa syçan düşse ,40 gowa suw çykarylypdyr.

,,MEDENIÝET HAKYNDAKY KANUN,,-2010-njy ýylyň 12-nji martynda kabul edilen kanun.

,,Miraby suwa ýykmak,, dessury-ekinler suwaryljak mahaly ýapda akýan suwa biri bildirmän miraby iteklemeli,bu däp suwuň bol bolmagy üçin edilipdir.

,,Şemaly çagyrmak,, däbi-dänäni sowurmak üçin daýhanlar harman güni şemaly çagyrmak üçin Haýdar baba ýüzlenipdirler,olr ,,Haýdar,Haýdar,Haýdar,, diýip, şemala ýüzlenipdirler

“Bagt aýnasy” – gelniň bukjasynda goýulýan aýna, yryma görä, gelniň bukjasy açylanda gyzlardan kim öňürti şol aýnada ýüzüni görse, şol gyzyň ilki bagty açylýarmyş.

“Kaşyk-çemçe”oýny-aýallaryň eline çemçe alyp saz çalýan oýny.

1715-1717-nji ýyllar-A.B.Çerkasskiý 3 gezek Türkmenistanyň çäginde ekspedisiýa geçirýär.

1819-1821-nji ýyllarda Hazaryň türkmen kenarlaryna uly ekspedisiýalar geçirilipdir.Şol ekspedisiýalara maýor M.I.Panomarýow we kapitan N.N.Murawýow ýolbaşçylyk edipdirler.
1819-1821-nji ýyl-Ponomarýow,Murawýewiň ýolbaşçylygynda Hazaryň kenaryna gurnalan ekspedisiýa.

1832-nji ýyl-Kareliniň baştutanlygynda Hazar deňziniň gündogar kenarlaryny gözden geçirmek üçin gurnalan ekspedisiýanyň ýyly.

1836-njy ýyl 2nji ekspedisiýa- bu ekspedisiýada Karelin deňziň kenarynda ýaşaýan türkmenleriň taryhyna, etnografiýasyna degişli birnäçe materiallar toplaýar.

1884-nji ýylda A.W.Komarow Änewiň demirgazygyny öwrenýär. Onuň işine nemes arheolygy Gubert Şmidt gatnaşýar. Ol Maşat-Misseriany, Köne we Täze Nusaýy öwrenýär.
1890-njy ýylda gadymy Mary ýadygärligini prifesor W.A.Žukowskiý öwrenipdir.1904-nji ýylda R.Pampelliniň ýolbaşçylygynda amerikan ekspedisiýasy Änewde gazuw-agtaryş işlerini geçirýär.Olaryň neşir eden ylmy işleri türkmen taryhyny,etnografyny öwrenmekde uly ähmiýete eýe boldy.
1897-nji ýylda Aşgabatda “Türkmenleriň ýönekeý hukugy.Adat”(“Обычное право муркмен”) adaty kitap çykýar.Onuň awtory Aleksandr Aleksandrowiç Lomakin. Bu kitap Merkezi Aziýanyň taryhyny öwrenijileriň ünsüni özüne çekipdir,onuň içindäki maglumatlar köp adamlar üçin açyş bolupdyr.
1917-nji ýylyň 18-nji dekabry-dekret kanunynyň kabul edilmegi

1923-nji ýyl-Aşgabatda türkmen halkynyň taryhyny we durmuşyny öwrenýän gurnak döredildi.

1926-njy ýyl-şol ýylyň 19-njy aprelinden 19-njy iýun aralygynda ilkinji gezek etnografik ekspedisiýalar gurnalypdyr.

1930-njy ýyl-Türkmen medeniýeti instituty Merw oazisine etnografik-lingwistik ekspedisiýa guralýar.

1936-njy ýylda Kopengagenda muzeý açylýar.Alihan Awarskiý ruslaryň içalysy dagystanly türkmen.

1945-1960-njy ýyllar-Sowet Soýuzynyň düzümindäki döwletleriniň birnaçe alymlarynyň Türkmenistanyň ýerlerinde etnografik ekspedisiýalarda bolan ýyllary.

1945-1960-njy ýyl--Sowet Soýuzynyň düzümindäki döwletleriň birnäçe alymlarynyň Türkmenistanyň ýerkerinde etnografik ekspedisiýalarda bolan ýyllary.

1945-nji ýyl-Günorta Türkmenistan arheologik kompleksleýin ekspedisiýa döredilýär.

1951-nji ýyl- Türkmenistanyň ylymlar akademiýasynyň ylmy žurnalynda etnografik maglumatlar çap edilip başlaýar.

1957-nji ýyl –Türkmenistanyň Ylymlar Akademiýasynda taryh,arheologiýa we etnologiýa institutynda etnografiýa bölümçesi işläp başlaýar.

1979-njy ýylda Hlopin mazarlary gazyp öwrenýär.Iňňe,keser,ik baş tapýar. “Türkmenistanda b.e.öň II müňýyllykda halyçylyk sungaty bilen meşgullanypdyr”
1982-nji ýylda çap edilen “Etnografiýa” diýen okuw kitabynda Ý.W.Bromleý we G.Ý.Markow dagylar şeýle ýazýar: “Etnografiýa ylmyny öwrenýän esasy obýekti dünýä halklarydyr” diýip, bellemek bilen etnografiýada diňe bir häzirki ýaşaýan halklar öwrenilmän ýitip giden gadymy halkara hat-da olaryň ata-babalaryny öwrenýän ylym hökmünde nazara alýarlar.
2015-nji ýyl- 28-nji fewral Türkmenistanyň "Milli maddy däl medeni mirasy gorap saklamak

A.Orazow-türkmen halkynyň etnik taryhyna,etnogenezini öwrenmäge saldamly goşant goşan türkmen alymy,onuň,,Türkmenleriň maldarçylyk hojalygy,, ,egin-eşikleri,, yaly işleri örän ähmiýetli.

A.Oşanin,W.W.Ginzburg antropologlar adamlaryň kelleçanak süňklerini barlapdyr.Olar adam süňklerini öwrenip süýri kelleli ýewropeid jynsyna degişlidigini subut etdi.Tapylan ýadygärlikler şaý-seple, aýal heýkeljikleri, gadymy parfiýa bedew şekilleri we beýleki mysallar ata-babalarymyzyň döreden medeni baýlyklarynyň şaýadydyr. Aga-özüňden uly erkek dogan,kakaň,ataň erkek dogany,ýaşy özüňden uly erkek doganoglan.

Agaran –gorküýzedäki düýe çalynyň üstüne täze süýt guýlanda,çalyň ýüzüne galýan goýy galdyrym.

Agtyk – öz ogluňdan ýa-da gyzyňdan bolan çaga

Agtyk-öz ogluňdan ýa-da gyzyňdan bolan çaga.

Agyl-mal saklamak üçin çöp-çalamdan,agaçdan we beýleki zatlardan edilýän aýmança,töwerekleýin gurulýan germew.

Ahalteke aty-dünýäde owadanlygy,ýyndamlygy bilen tapawutlanýan arassa tohumly,sap ganly türkmen aty.

Ak  aş – süýde bişirilýän tüwi ritual tagama degişli bolup, ol goýnuň piri Musa pygamberiň hatyrasyna edilip, çarwalar mallarynyň sagdyn bolmagy üçin edipdirler.

Ak çyrpy – ak nah matadan ýa-da ýukajyk ýüpek, daraýy matadan tikilýär.

Ak ekin – bugdaý, arpa, jöwen ýaly däneli ekinler.

Akademik W.W.Bartold:”Orhon türküleri we oguzlar şol örän aýdyň belleýär.Gadymy türki kagan ýazgysy “Meniň halkym tokuz oguz “.

Özlerini “türk”diýip altandyran etnik topar gelip çykyşy boýunça öguz bolupdyr.

Ala düzi – Ak öýlerde gyzyl düziniň ýokarsyndan berklik üçin her ugra saralýan insiz ala ýüp.

Alaça - tarada ýüplükden dokalýan mata. Aýal köýnekligi üçin gyzyl, gök reňde bolup, gyrasary hem goýberilip dokalýar. Alaja – Akly-garaly sapaklardan işilip ýa-da örülip taýýarlanylýan ýüp.

Aňňal – bugdaý, arpa ormak üçin uzyn saply, orak görnüşindäki oba hojalyk guraly. Argaç – hemme dokalýan önümlerde erşiň içinden geçirilýän sapak, ýüp, içgeçir.

Arwana-düýäniň bir görnüşi,arassa tohumdan bolan bir örküçli düýe.

Aryk – suwaryş ulgamynyň uly ýaby. Aşyktorba – oglanlaryň aşyk salyp, gapdallaryndan asýan torbajyklary. At keçe – atyň gulagyndan guýrugyna çenli ýapyp goýar ýaly taýýarlanylýan ak, boz ýa-da gara keçe.

Aşgabat 2018 ý.

Atadaş-golaý garyndaş,atalary bir bolan adanlar.

Atbaşçy- gelin edinilende gyzy getirmäge gidýän atlylar, öňatly.

Atgulak - Gelin edilýän ýere eltilýän jübüt ýaglyk, mata

ATLYK -gowlukda bolan çaga,6-njy arka.

Atlyk ýer-gadymy döwürde esgerlere berlen ýer.

Atyz – ekin ekilýän meýdan.

Aýakçylar – toýda hyzmat edýänler.

Aýakçylar- toýda hyzmat edýänler.

Aýal gyzlaryň köýnekleriniň görnüşleri-ýeňli-ýanly,ýagyrnişlikli,begeýikli;

Aýal-gyzlaryň aýakgaplarynyň görnüşleri-hokga,gyrma,çepek,galoş;

Aýal-gyzlaryň başgaplarynyň görnüşleri-tahýa,gyňaç,ýaglyk,topby yada börük;

Aýal-gyzlaryň donlarynyň görnüşleri-begres,çabyt,küleçe;

Aýallaryň başyna atýan geýimleri-kürte,çyrpy,başatgyç;

Azal-ata,öküze düýä goşulyp ýer sürmek üçin ulanylýan gural.

Azman-dört ýaşyna ýeten teke.

Babadaş-asly ata-babalary bir bolan adamlar,daşgynrak garyndaşlar.

Babadaýhan-türkmen ekerançylarynyň esasy hemaýatkäri,piri

Babadaýhanyň gawuny-adatça haýsy maşgalanyň bakja ekinleri -gawun garpyz gowy hasyl berse,şolary ýetişdiren adam Babadaýhanyň hormatyna il-güne dadyrmaly eken,dadyrmak üçin dokuz gawundan üç

gezek 27 gawuny ýolup almalywe ähligeçenlere we obadaşlaryna hödürlemeli

Baba-ejeň kakasyna bolan garyndaşlyk gatnaşygyny aňladýan söz.

Bag goýun-ýörite bakylýan goýun görnüşi

Bagana –täze bolan guzynyň soýlup alnan buýraly derisi we onuň eýlenen görnüşi.

Baldyz – gelniň adamsynyň kiçi aýal dogany we şoňa degişlilikde ulanylýan söz

Başatgyç – aýallaryň başlaryna atynýan çabytlary. Begeýik – daşky eşik tikilende, ýan bilen ýeňiň birleşýän ýerindäki üçburçluk

Begeýik-ýanyň ýokary başynda urulýan mata bölegi;

Begres – daşky geýim tikilýän gaty galyň bolmadyk ýüň mata.

Bent – derýalarda, kanallarda suwuň derejesini ýokary galdyrmak, çişirmek, bölüşdirmek üçin gurulýan desga. Bentler toprakdan, daşdan, betondan, demir-betondan, agaçdan we garyşyk materialdan gurulýan görnüşlere bölünýärler.

Berre-guzynyň görnüşi(3-4 aýlyk)

Bijebaşy – öňki döwürlerde suw bölünişiginde suw nobatyny ilkinji bolup alyp başlaýan adam.

Botlamak-düýäniň köpelmegi,botlamagy

Boý suwy – ekiniň boý almagy üçin berilýän ikinji, üçünji suw. Boýag – mata, ýüň, ýüplük, ýüpek, ýaly zatlary reňklemek üçin ulanylýan reňk. Boýagçy – boýag boýaýjy, reňkleýji. Boz keçe – çalrak ýa-da onçakly ak bolmadyk ýüňden basylýan gülsüz keçe. Üzük, durluk etmek üçin hem ulanylýar.

Börek –ýaýylyp kesilen hamyryň içine et, ýumurtga ýa-da gök önümleri salnyp, bükülip bişirilýän nahar.

Börük-gyňajyň içinden geýilýän başgap,ýokarlygyna uzyn silindr görnüşinde(ahal tekelerinde),ýokarsy giňelýän görnüşde(mary saryklarynda)bolupdyr;

Böwet – ýer suwarylanda, akyp duran suwuň öňüne edilýän bent. Böwediň kömegi bilen suwuň derejesi ýokary göterilýär. Ol toprakdan, çöp-çalamdan, agaçdan, daşdan, kerpiçden, betondan we ş.m. edilýär. Böwürçiler- toýda ýörite saçak edýän aýallar.

Böwürçiler – toýda ýörite saçak edýän aýallar.

Buhara don-iri gülli matadan edilipdir,buhara emirligindäki türkmenler geýipdir;

Burkut baba-ýeliň piri,türkmenleriň gadymy dessurlaryna laýyklykda ýyl gurak gelen mahaly haraý islaäp ekinleriň guramazlygy üçin Burkyt babany çagyrypdyrlar,eger özleriniň dilegi amala aşyp, ýagyş ýagsa onyň ýoluna janly soýup,sadaka beripdirler.

Çabyt-ak,sary,gyzyl reňkde bolup,ähli ýeri nagyşlanan,aşagy seçekli görnüşinde bolan başatgyç;

Çaga at dakmak dessury-täze dünýä inen çaga at dakmak bilen baglanşykly dessur

Çaga geýimleri-köýnek,balak,kürtekçeler,ýeňsizler we kirliker;

Çaga terbiýesi-maşgaladaky çagalaryň ene-atadan alýan edep –terbiýesi

Çapar- harman döwlende öküzleriň yzyna meýdanda bitýän ýabany garagan agaçdan basgylap agyr agramda bolan dakylýan agaç

Çarşak – (Ýabak) dört dişli ýandak, bede we ş.m. zatlary götermek üçin ulanylýan gural.

Çarwa-maldarçylyk bilen meşgul bolup, öri gözleginde göçüp-gonup ýören adam.

Çebiş-alty aýdan geçen bir ýaşa golaýlan geçiniň çagasy

Çekdirme –täze öldürilen dowaryň,uly malyň bagry,öýkeni hem-de eti gazanda gowrulyp,şorsuw emele gelenden soň, üstüne suw guýlup bişirilýän çorba,nahar

Çäç – bugdaý hasyly, harman.

Çäkmen – düýe ýüňünden inçe dokalyp tikilýän eşik.

Çäşew-gyzyň başyna atylýan kürte gelin tarapyndan getirilipdir. Günbatar sebitlerde gyzyň başyna atylýar.

Çil – ekin ekmek üçin çekilýän peller.

Çile dessury-çaga doglup tä kyrk gün geçýänçä ol çaga çileli hasaplanypdyr,kyrk günden soň çaga çileden çykarylypdyr ýagny suwa çile suwa düşürilipdir. Birahat bolsa çile wagtynda sallançak gurlup,şoňa salnypdyr,sallançagy ýörite sähetli gün gurupdyrlar.

Çile-türkmençilikde toý bilen ýasyň  ya-da beýleki zatlaryň halanmaýan zatlar bilen utgaşmagy, türmençilikde iň halanmaýan zatlaryň biri

Çilik- ujy egri taýak bilen süňk urlup oýnalýan oýun we şol süňkiň ady.

Çokaý-düýäniň dersinden taýýarlanylan galyň galoşa derek geýilen aýakgap;

Çoluk-çopanlaryň kömekçisi,hojalyk işlerini ýerine ýetiriji adam.

Çopan taýagy-çopanyň zähmet guraly hem-de gorag serişdesi,adatça bu taýak miwe agajyndan ýasalamndyr,ony ýeňil we berk baglardan ýa-da gyrymsy agaçdan ýasapdyrlar.

Çopan-mallary bakýan seretýän adamyň ady

Çorba -içine et, gowurdak, kartoşka, sogan we ş.m. Zatlar atylyp bişirilýan nahar.

ÇOWLUK -agtygyňdan bolan çaga,çagny 3-nji arka.

Çöregin görnüsleri – hamyrly, petir hili, külçe-süytli.

Çöwürme ýada şypyrtma-gytyk tüýli goýunyň dersinden edilen,iki tarapyna geýip bolýan erkekleriň baş gaby;

ÇYKAN -iki aýal doganyň çagalarynyň biri-birine bolan garyndaşlyk gatnaşygy.

Daýhan-ekerançylyk bilen meşgullanýan adam

Daýy- öz ejeň erkek doganlaryna we beýleki ýakyn adamlaryna degişlilikde garyndaşlyk gatnaşygyny aňladýan söz.

Daýza- öz ejeň aýal doganlaryna we onuň erkek doganlarynyň aýallaryna degişlilikde garyndaşlyk gatnaşygyny aňladýan söz

Degirmen – bugdaýdan un almak üçin ulanylýan gural. El degirmeni.

Degsin etmek – däp-dessura görä,merhumyň hatyrasyna, hormatyna bişirilen tagamy dadyp, kabul bolsun diýmek, doga okamak.

Dessegül Ýomudskaýa-Burunowa “Gadymy türkmenlerde zenan” atly işini ýazýar. Bu kitapda türkmeniň maşgala gatnaşyklary türkmen maşgalasynda zenanyň tutýan orny,gaýtarma dessury, nika gatnaşyklary hakynda giňişleýin beýan edýär.

Däne suwy – bugdaý başlanda berilýän hasyl suwy.

Dänäni arassalamak we halallamak dessury- däne döwlende öý haýwanlarynyň güýji ulanylanlygy sebäpli bu dessur ýerine ýetirilipdir,bu yrym ,,hakgulla,, ,,hakgulla çykmak,, diýip atlandyrylypdyr

Dogan-bir ata-eneden bolan çagalaryň biri-birine bolan garyndaşlygyny aňladýan söz

Doganoglan-kakalary dogan bolan oglanlar we gyzlar,öz kakaň doganynyň ogly ýa-da gyzy.

Dograma -dogralan çörek, bişen et, sogan garylyp, üstüne çorba guylup iýilýän nahar.

Dolak-erkek adamlaryň aýakgaplarynyň içinden dolaýan matasy,nah we ýüň matadan bolupdyr;

Donlaryň görnüşleri-gyrmyzy,garma,daraýy,hywaly,buhara,çäkmen,ýektaý;

Dowar-goýunlatyň köplügi,maldarçylygyň bir görnüşi

Dudin 1928-nji ýylda Türkmenistana gelip surat çekýär. “Dudiniň fotokolleksiýasynda türkmenler” işinde Аня Морозова türkmenleriň baş gaplaryny öwrenýär.

Dutar-saz guraly gamdan saplanmak üçin ulanylýan gural

Duz torba-mukaddesligiň üstünden ätlemezligiň alamaty

Duztorba – duz salmak üçin goýun ýa-da düýe ýüňünden inçe egrilip dokalýan torba.

Düldül baba-atyň piri.

Düme – sepme görnüşinde ekilip, tebigy suw bilen ideg edilmän hasyl almaklyk.

Düme ekerançylygy-dag eteklerinde,çölde esasan suwsuz ýerlerde ýagşyň,kakyň suwundan suwarylyp ekilýän ekerançylyk.

Düwe çitim – Iki sany erşi alyp, çitiljek ýüpi ikisiniň hem daşyndan aýlap, soňra iki erşiň arasyndan çykaryp kesilýän çitimiň bir görnüşi.

Egin eşikleri biçmekde sähetli günler- Çarşenbe,anna günleri,“Annada biçme,şenbede göçme”diýlipdir.

EJEKE-özüňden uly aýal dogan.

Ekeji-gyzyň özünden uly uýasy,gyz dogany

Ekerançylyk bilen baglanyşykly gadaganlyklar-köne adatlara görä käbir maşgalalarda ajy ekinler ekilmändir:sogan, sarymsak,burç we käbir beýleki ekinler(nar,hoz bägül we ş.m.)Ekmeklik halanmandyr.

EKSPEDISIÝA-etnologik ylmy saparlaryň maglumatlary.

Ene ýap – birnäçe ýaplara suw berýän uly ýap.

Erkeç-geçiň erkek görnüşi

Erkek adamlaryň aýakgaplarynyň görnüşleri-çokaý,çaryk,messi,çepek(ýelken);

Erkek adamlaryň köýnekleriniň görnüşleri-ezýaka yada çäkýaka;

Etnograf A.Diwaýew şeýle ýazýar. 1898-nji ýylda Gorkut atanyň mazaryna barýar.Ol toýundan, uçlary şekiller bilen tamamlanýan alty-sekiz çüňkli, üsti hökman gümmezli.

ETNOGRAFIK MEÝDAN ÝAZGYLARY- halkyň durmuşyny ýakyndan synlamak we ýazmak.

G.Karpow (1890-1947)-Taryh ylymlarynyň kandidaty,SSSR-niň at gazanan ylmy işgäri,onuö türkmen we rus dilinde terjime edilen 60-dan

gowurak ylmy eseri bar,esasy gyzyklanan ,meselesi türkmenleriň tire0taýpa meselesi.

G.S.Karelin-1832-1836-njy ýyllarda rus hökümeti tarapyndan ýörite gurnalan ekspedisiýalara ýolbaşçylyk edýär.

Galla – bugdaýyň hasyly.

Galman onuň netijelerini çap etmek we ylmy

Galyň-gyz berýän tarapyň garşy tarapdan ýagny oglan tarapdan talap edýan maddy zatlarynyň jemi

Gamçy-temmi bermek üçin ulanylýan gural

Gapy kilim – sowuk geçmez ýaly öýüň gapysynyň daşyndan tutmak üçin ýörite dokalýan kilim.

Garaköli goýun-Orta Aziýada ösdürilýän buýra-buýra ýüňli, guzusynyň baganasy gymmat bahaly goýnuň tohumy.

Garma don – gyrmyzy donluk matanyň dürli reňkli köregräk çyzyklar geçen görnüşi.

Gatlama –hamyra ýag çalynyp,dolap täzeden ýaýýarlar we gaýnap duran ýaga atyp taýýarlaýarlar.

Gatyk-bişen süýde gönezlik atylyp,basyrylyp uýadylan süýt önümi.

Gaýyn – gelniň we ýigidiň ene-atalarynyň we özlerinden uly ýakyn garyndaşlarynyň gelne we ýigide bolan garyndaşlyk gatnaşygyny görkezýän söz

Gaýyn aga-gelniň  adamsynyň özünden ulu agasy.

Gaýyn ata – aýalyň ( gelniň) äriniň (adamsynyň) kakasyna bolan garyndaşlyk gatnaşygyny aňladýan söz

Gaýyn ene – ayalyň (gelniň) äriniň(adamsynyň) ejesine bolan garyndaşlygyny aňladýan söz, adamsynyň ejesi

Gaýyn öýi – gelniň adamsynyň öýleri, gelniň gaýynlarynyň öýi

Gazy – suwy kesilen ýaplary, aryklary, kanallary geljek ýylyň suwuna çenli gazmak, olary laý, gyrmança we çöp-çalamlardan arassalamak ýaly geçilýän işler. Öňki döwürde gazy gazmak işi daýhanyň içýän, ulanýan suwunyň mukdaryna görä kesgitlenipdir.

Geçi-goşatoýnaklylar maşgalasyna degişli bolup,gäwüş berýän,çöpüri göni hem uzyn öý haýwany.

Gelin salamy – nika toýunyň ertesi ir bilen gelniň gaýynlarynyň ýanyna salama barmagy.

Gelin toýy - ýigidiň öýünde tutulýan toýa diýilýär. Türkmenlerde gelin toýy naýbaşy toýlardan bolup, ol uludan tutulýar.

Gelin-gyzlaryň egin-eşikleri tikmekde ulanan ölçeg birlikleri- “gary”,”garyş”,”sere”;

Geliniň toý eşikleri-gyrmyzy keteni,çapraz-çaňňaly çabyt,çekelikli,sümsüleli tahýa,kürte;

Gelnaljyny keseklemek – yryma görä, durmuşa çykýan gyzyň obadaşlarynyň arasynda gyza göwni bar bolan ýigidiň, köýen arzuwlaryny köşeşdirmek üçin gelnalyjynyň yzyndan ýeter-ýetmez görnüşde ýetginjekleriň kesek zyňmaklary.

Gelnalyjy-dabaraly ýagdaýda gelin getirmäge gidýän we alyp gelýän adamlar.

GELNEJE-özüňden ulu agap,doganoglanyň gelnine degişlilikde ulanylýan garyndalyk aňldýan söz.

Geňeş toýy - toýy guramaçylykly geçirmek, sag-aman sowmak üçin maslahat etmekden ybaratdyr.

Giýew-öz gyzyň  ýa-da aýal doganyň adamsy,köreken.

Goç-goýnuň erkek görnüşi

Gomme çorek – tegelek görnüsli yerde bisirilyar.

Gommeç – muny tayyarlamak uçin çukur gazyarlar, koz bolanda ona çebsi oldüryarler we iç gosuny ayryp yerine durli ysly tagamlary salyarlar sonra garnyny dikýarler.

Gowa – käriz gazylanda ýa-da arassalananda içinden gum, palçyk, daş çykarmak üçin düýe hamyndan ýa-da berk mata önüminden tikilýän gap.

GOWLUK- ýuwlugyňdan bolan çaga,5-nji arka,

Gowurdak – bakylan ‘baggoyunlaryn’ etinden dograp guyruk yagyna gowrup tayyarlayarlar.

Gök ekin – gök önümleri öz içine alýan ekinler.

Guda – öýlenen oglanyň we durmuşa çykan gyzyň hossarlarynyň biri-birine garyndaşlyk gatnaşygyny aňladýan söz

Gutap –ýuka ýaýylýan hamyryň içine et,bişirilip jazlanan ot salnyp saçda bişirilýän ýarym tegelek şekilli hörek.

Guýy-suw almak maksady bilen tegelek edilip gazylýan çuň çukur.

Gül suwy- bugdaýa berilýän sümmül suwundan öňki suw. Ol arpa-bugdaý güle duran wagtynda berilýär.

Gyňaç-tarada dokalýan,ýaşynmak üçin amatly bolan ýaglyk;

Gyra sarym- haly we haly önümleri

Gyrkymçy-gyrkym wagtynda dowar gyrkýan adam;gyrkym işinde işleýän adam

Gyrkym-goýun-guzy gyrkylýan wagt,möwsüm.

Gyrma-barly adamlar geýen,owadan bezegli aýakgaby;

Gyrmyzy don-gök,ýaşyl we gyrasy parawuzlanyp,jäheklenip tikilen,ýetginjek we ýigitlik müçesindäki erkek adamlar geýipdir;

Gyşlag-gyş wagty ýaşamak üçin mally-garaly göçülip barylýan ýer,gyşlanýan amatly ýer.

Gyýma balak-matany eýläk-beýläk gyýyp kesip tikilýän erkekleriň balagy,olar gara we goňur reňkdäki nah we ýüpek matadan edilipdir;

Gyz sepi, bukja – gyzyň egin-eşikleri, ata-enesiniň beren şaý-sepleri, haly palas önümleri bolan ýygyndy.

Gyz ýygyn – gyz ýeriniň toýy.

Hada – gazy-haşar işinde ýer paýlaşygynda ölçeg guraly hökmünde ulanylýan iki metr çemesi uzynlykdaky taýak. Uzynlyk ölçeg birligi.

Halwa süýji- ýagdan, undan ,üzüm toşabyndan taýýarlanýan tagam

Haraz – degirmen.

Harman aýy -adatça dänäniň döwmesini we onuň ýele sowurmasyny iýul-awgust aýlary amala aşyrypdyrlar, şonuň üçin hem bu aýlary şeýle atlandyrypdyrlar

Hasyl suwy – pagta we däneli ekinleriň hasyla durmagy üçin berilýän üçünji, dördünji suw.

Hasyl toýy (galla baýramy)-türkmenleriň her ýylda däp bolan baýramy,hasyl ýygnalandan soň bellenilýän baýramçylyk.Häzirki wagta

ýurdumyzda döwlet möçberinde uludan bellenilip geçirilýär

Haşar – ýap, aryk, kanal gazmakda adamlaryň üýşüp işlemegi. Bu iş uly il bolup ýerine ýetirilýän jogapkärli ýowardyr.

Haşar dessury- köpçülikleýin geçirilýän (ýap gazmak,kanal arassalamak ýaly) gazy-haşar işi.

Haşarçy – gazy-haşar işlerine gatnaşýan adam, gazyjy.

Horezm aarheologik etnografik ekspedisiýasy-Tolstowyň ýolbaşçylygynda alnyp barylyp,munda türkmenleriň hojalyk görnüşlerini öwrenmekde köp maglumatlar ýüze çykarylýar.

Hoşa – bugdaýyň başy.

Höwri köp bolsun- mallaryň baş sanynyň artýan döwründesüriniň eýesine garyndaşlarynyň, goňşularynyň aýytýan sözi.

Hutor-daýhanlaryň obasy mülk ýeri

Hywaly don-özbekleriň şahy matasyndan(ala ýüpek mata) edilip,demirgazyk türkmenleri geýipdir;

Ik- ýüň, pamyk we ş.m. süýümli zatlar egrilýän 25-30 sm uzynlykdaky agaçdan ýasalan inçejik gural.

Ikbaş – igiň aşak tarapyndan geýdirilýän, agaçdan ýasalan, konus şekilli, ortasy deşik gural.

Iki ýüzli käriz – iki gözbaşdan suw alyp bir ötüge birigýän käriz.

Iner-inen arwana bilen bugradan bolan boýny tüýlek erkek düýäniň bir görnüşi.

INI-özüňden kiçi erkek dogana,doganoglana bolan garyndaşlyk gatnaşygyny aňladýan söz.

Inji – ýaş çaga onuň ýakyn hossary, garyndaşy tarapyndan ady tutulyp berilýan mal.

Inji bermek dessury-ýaş çaga onuň ýakyn hossary tarapyndan berilýän mal

Irrigasiýa - emeli suwaryş ulgamy.

Işşek-bir ýaşan goýnuň görnüşi

Jalawa-käriz suwunyň ýer ýüzüne çykýan ýeri.

JIGI-özüňden kiçi erkek ýa-da gyz dogan.

Juwaz-künji ýagyny çykarmak üçin ulanylýan gural

Jykyr salma-jykyr küýzeleriniň nowa guýýan suwy akdyrylýan salmasy

Jykyr ýap-jykyryň suw alýan ýaby

Jykyr-derýadan,çuň ýapdan suw çykarmak üçin küýzeleri keserdilip berkidilen çarhly sada gurluşly desga.

Jykyr-ekin suwarmak üçin ulanylýan gural

Kaka-maşgalada çaganyň iň ýakyn hossarynyň biri bolan erkek adam,ata

Kakma – tara daragy ýa-da gylyç bilen kakylyp dokalýan önümler (gyňaç, gulaç, torba we ş.m.)

Kakmatorba – gyltyç ýa-da darak bilen kakylyp, öýdelip nagyşly, nagyşsyz dokalýan ýüň torba.

Karaşan ogly Ýomudskiý (Nikolaý Nikolaýewiç) asly harby işgär. Ol Ak patyşanyň armiýasynyň polkownigy bolup işlän, Merw uýezdinde admensratiw wezipesinde işläpdir.Omrüniň soňku ýyllarynda türkmen döwlrt muzeýiniň müdiri wezipesinde işläpdir. Onuň esasy gyzyklanan

meselesi türkmenleriň etnogenezi we türkmen maşgalasyndaky adat we şerigat bilen baglanyşykly däp-dessurlar bolupdyr.
Karpowyň esasy işleri-,,Türkmenleriň urug-taýpa düzümi,, ,,Türkmenleriň salyr, ýomut taýpasy,, ,,Türkmenistan we türkmenler,, ,,Ýitip gaýyp bolan alanlaryň bir bölejikleri,,.

Kejebe – gelnalyjydaky düýe kerweni, gelniň getirilýän düýesi.

Kejebe-gelin alynanda, gelni düýä mündürip alyp gaýtmak üçin, ýörite agaçdan ýasalýan üsti dört tarapa ýapgyt enjam.

Kellebaşaýak –öldürilen malyň kellesi,aýaklary we ondan taýýarlanylýan naharyň ady

Kelte aýlaw – suw bol bolanda, ekin suwarýan ýanaşyk hojalyklaryň arasynda suw nobatynyň (köplenç 12 günden) öwrülip gelmegi.

Kepek- un elenende elekde galan galyndy.

Keş – esasan, pagta ekilende çekilýän kiçijik peller.

Käriz – dag gatlaklaryndaky ýerasty suwlary ýokary çykaryp, ekerançylykda peýdalanmak üçin gazylýan guýularyň, ötükleriň ulgamy.

Kätmen-ýer bejermek,ekinleriň düýbüni ýumşatmak,otag etmek üçin ulanylýan,agzy aşak bakyp duran uzyn saply oba hojalyk guraly

Kilwan – degirmeniň eýesi, degirmençi.

Kirlik-köýnegiň üstünden geýilýän gysgajyk geýim;

Köje – et, sogan goşulyp, jöwenden bişirilýän nahar

Kösükli ekinler – mäş, noýba, nohut we ş.m. ekinler.

Köşek-düýäň çagasy

Köýnekleriň matasy- nah,ýüpek we ýüň matadan bolupdyr;

Külçe – un, ýag, ýumurtga goşulyp,süýde ýugrulyp,ýörite bişirilýän kiçijik tegelek çörek,köke

Küleçe-işliksiz,nagyşsyz,ýuka,gyrasyna mata bölekleri aýlanan don;

Künde – gadymy döwürde ýer sürülýän gural.

Kürre-eşegiň çagasy

Kürte-gyzyl we ýaşyl reňkde(gara)bolup, toý lybasy hasaplanýar;

Kürtekçe-ähli eşikleň üstünden geýilýän, bile yetip duran geýim;

Kürtük - eti gaýadylyз bişirilenden soñ, çorbasyna atykan jőwen belkesi çykarylyp, űstűne gaýnan et bőleklenip goýlup, çorbasy aýratyn içilýän nahar.

Mala-ýer sürlenden soň tekizlemek üçin ulanylýan gurallýan gural

Mallardan dowar alynýan döwürde edilýän dessur-bu döwürde çopanlar adatça 40 günläp saç-sakgalyny aýyrmandyrlar,bu däpdölüň ölüm-ýitimsiz bolmahyna ýardam eder diýip ynanypdyrlar.

Mama-ejeň ejesini aňladýan söz

Maň-üç ýaşan goýnuň görnüşi

Maşgala – bir hojalykda ýaşaýan ene-atanyň we oguldyr gyzlaryň jemi, rysgaly bir adamlar

Maşgala agzalary-maşgalanyň içinde ýaşaýan admlaryň umumy ady

Maşgala başy – maşgala baş bolýan maşgalanyň garamatyny çekýän maşgalanyň eklenjini abraýyny we ş.m goraýan, maşgala jogap berýän adam

Maşgala başy-adatça öýüň erkegine aydylýar

Maýa-bugradan gaýan,arwanadan bolan inen düýe.

Mellek – ekin meýdany.

Merdikär – öňki döwürlerde hakyna tutulyp, haşar gazdyrylýan daýhan.

Mälemez-alty ýaşan goýun görnüşi

Mäşewe - ýanan ýaga sigan, sähelçe un atyp, gowrulandan soň üstüne suw guýlup, mäş atylyp, gaýnadylyp bişirilýän nahar.

Mirap – ýaplaryň abat saklanmagyna, ýaby gazmak, ot-çöpden arassalamak işlerine gözegçilik edýän, onuň suwunyň kadaly akmagyna ýolbaşçylyk edýän suw bölüji, suwa jogapkär adam.

Musa pygamber-goýnuň, ýagny ownuk şahly malyň piri.

MUZEÝ EKSPEDISIÝALARY- etnografik, ülkäni öwreniş,açyk asmanyň astyndaky skansenler,çeperçilik sungaty,haly muzeýleri we beýlekiler degişli.

Mülk ýer-ýer eýeçiliginiň bu görnüşi baý adamlara degişli bolup,olaryň ýerleri nesilden-nesle geçipdir

N.N.MURAWÝEW-1819-1821-nji ýyllarda Hazaryň kenaryna ekspedisiýa guraýar,"Türkmenistana we Hywa syýahatçylyk" atly belli işini ýazypdyr.

NEBERE-asly, ata-babasy garyndaş bolan,bir ata-babadan önen garyndaşlar.

Nika – är-ayalyň gatnaşygyny düzgünleşdirmek däbi, kanuna laýyklykda nikalamak düzgüni

Nika gyýmak – adata dessura görä täze öýlenenleriň är-ayallygyny resmileşdirmek, nikalamak

Nika hukugy-nikalaşýan iki adamyň biri-biri bilen gatnaşygy

Nika suwy – maşgala gurýanlara nika gyýylanda toýçylara paýlanýan, olaryň süýjülikde ýaşamaklaryny dileg etmek üçin berilýän süýji suw

Nowruz köjesi- bu nahary taýýarlamak hem ýörite däp bolup,ol adatça türkmenleriňaý hasabyna laýyklykda täze ýylyň başlanmagy bilen taýýarlanypdyr.

Ogul – ene-atanyň erkek çagasy erkek perzent, dogma zürýat

Oguz türkmenleri baradaky maglumatlar köpsanly orta asyr çeşmesinde öz beýanyny tapýar. Ibn Hordat beg(IX as), Aly Ýakuby (IX as), Ibn Fadlan (X as), Al-is Tahri(X-XI as), Al-Biruny (X as), Beýhaki (XI as), Jürjäny (XII as),Hasan beg Rumly (XVI-XVII), Isgender beg Münşi(XVII), Muhammet Tahy (XVII),Mehdihan Astrabatly (XVIII) ýaly işlerde türkmeniň gadymy taýpalary däp-dessurlary, hojalyk işleri olaryň durmuş ýagdaýy hakynda maglumatlar beýan edilýär.

Omaç-yerleri sürmek üçin ulanylýan gural

Oraça ýada düýpdikme-çarwalaryň ýaşaýyş jaýlary

Orakçy-orak orýan adam,orak ormak bilen meşgullanýan adam

Orak-galla ekinlerini ormak ýa-da ot ýygmak üçin ulanylýan agaç saply,egri demir tygy dişli oba hojalyk guraly

Osmakçy – gudaçylyk işiniň başyny başlaýjy, oňa ýardam beriji adam.

Otag-ekilýän ekinleriň düýbüni ýumşadyp.haşal otlardan arassalaýyş işleri

Otdan geçirmek dessury-türkmen maldarlary bu däbi mallaryň gyşlamagynyň sag-aman sowulmagy hem-de nobatdaky malyň başynyň artmagy bilen baglanyşykly ýaz baýramy hökmünde belläpdirler.

Owlak-geçiniň,keýigiň heniz alty aý bolmadyk çagasy.

Owuz süýdi-malyň birinji başynyň artmasyndan sagylan süýt bolup,ony taýýarlandan soň goňşulara dadyrypdyrlar.

Ö.Gündogdyýew-bu alymyň ylmy işleritürkmen halkynyň etnogenezine we etniki taryhyna degişli,onuň monografiýalary,,Türkmenleriň geçmişi,, ,,Türkmenler we dünýä halklary,,.

Öküziň şahyna ýag çalmak-bu dessur ýer sürüminiň ilkinji gününde amala aşyrylypdyr,bu sürüm döwründe işleri ýeňilleçdirmek we bol hasyl almak maksady bilen berjaý edilipdir.

Ösümlikden taýýarlanýan tagamlar - kömelekli gutap, otly börek

Öweç-üç ýaşyna giden,üç ýaşyň içindäki goýun.

Öwez Gündogdyýew Orta Aziýanyň professory “Aziýanyň gerçekleri”, “Ahalteke bedewleri”, “Türkmen alabaýlary”, “Türkmenler we dünýä halklar”.

Öý bikesi-maşgalada zenan maşgalanyň ady

Öýlenmek – öýli bolmak, öýli etmek diýmek.

Öýlenýän ýigidiň toý eşikleri-ak köýnek,gara balak,tirme guşak,gyş günleri don geýlipdir;

Padyman-sygyr çopany.

Palaw - ýagda gowrulan etiñ üstüne sogan, käşir dograp, suw guýlup, tüwi atylyp, buglanyp bişirilýan nahar.

Peşgar-käriziň gözbaşy,suw çykýan ýeri

Pil-ýer depmek ýa-da ýer gazmak üçin ulanylýan,demirden ýasalan ýasy,uzyn agaç saply gural.

Pisme – hamyry ýaýyp romb gornusde kesýarler, sonra gaýnap duran osümlik ýagyna atýarlar, ol ýagda çisip pokgerýar.

Pyçak-maly halallamak,soýmak üçin ulanylýan gural

Pýotr I Merkezi Aziýanyň baýlygyna eýe bolamgyň ýolyny gözläpdir.Pýotr I permany esasynda Aleksandr Berkowiç Çerkasskiý 1715-1717 ýyllarda 3 gezek Türkmenistana barlag ýörişine geçiripdir.Olaryň maksady: Amyderýanyň öňki akymynyň öňki ugruny amyklamak, Hindistana gidýän ýolyny öwrenmek,Hazar deňziniň kenarlarynda berkitme gurmak.1715-1716-njy ýyllardaky geçirilen 2-nji barlagynda Hazar deňzi öwrenildi.

Rus hökümeti tarapyndan 1832-1836-njy ýyllarda Kareliniň baştutanlygynda yene 2 sany ekspedisiýa guralýar. 1-njisi Hazar deňziniň gündogar kenarlaryny gözden geçirmek üçin we täze berkitme gurmak üçin ýer saýlamak üçin iberilipdir.Bu ekspedisiýa Maňgyşlakda 1834-nji ýylda galanyň düýbüni tutupdyr.2-nji ekspedisiýada Karelin deňziň kenarynda ýaşaýan türkmenleriň taryhynda, etnografiýasyna, medeniýetine degişli köp maglumatlar toplapdyr.

Sanaşyk ýer-gadymy döwürde obalarda oba kethudalary tarapyndan her hojalyga bölünip berilýän ýer bölegi.

Saryja –türkmen goýnunyň ýüňi ak,tegelek guýrukly bir tohumy.

Semene – ol ayratyn gapda suwda saklanan bugdaýyn osüminden edilýar.

Semeni-telper gabyň içinde üstüne suww sepilip gögerdilen bugdaý döwlüp,un çalnyp,uly gazanda siňňin otda gaýnadylyp bişirilýän bulamak görnüşli duzsuz iýmit.

SERDAR NIKOLAÝEWIÇ ÝOMUDSKIÝ(1962)-XX asyryň 30-njy ýyllarynda Türkmen döwlet etnografik myzeýinde işleýär,esasy gyzyklanan meselesi Günbatar Türkmenistanyň çarwalar urugynyň gurluşy.

Silkme telpek-gyrkylmadyk,tüýleri seçelenip duran ak we gara reňklerdäki goýnuň dersinden taýynlanan erkek adamlaryň baş gaby;

Soky-künjini döwmek üçin ulanylýan gural

Sopbaş-çagalaryň geýýän topbulary,olar dürli görnüşde owadan edilip tikilipdir;

Söwüş- gelen myhmanyň hatyrasy üçin soýulýan mal,edilýän hormat. Söwüş etmek mal soýup,hormat etmek.

Söwüş goýny –gelin edinýän adamyň toý üçin gyz öýüne eltip berýän goýny.

Sözaýdyjy – ýigidiň ene-atasynyň, umuman, maşgalanyň iň ýakyn adamsy bolupdyr.

Suw degirmen-oba hojalyk önümlerini işläp bejermek üçin ulanylýan gural

Sürüm-ekin ekmezden öňinçä ekin ýerini sürüş,agdaryp bejeriş.

Süyt önümleri – gatyk, peynir, sargan, ayran, gurt.

Şahyzenna- guýynyň piri.

Şaýly arabag-saçlary öňlerine düşmez ýaly iki saçynyň arasyna agyr bolar ýaly dakylypdyr;

Şaýly tahýa – tahýanyň diňe depesine gupba berkidilen görnüşi.

Tagam – daşky ýedi duýgynyň agzyň nemli bardasy tarapyndan duýulýan görnüşi, naharyň, her bir iýilýän iýmitiň we ş.m agzyň, diliň bilen duýulýan aýratynlygy.

tagamlar degişli,adatça olara sogan we duz salynmandyr.

Tamdyr-çörek bişirmek üçin ulanylýar

Tamdyrlama – isek goyunyn eti; goly ya-da budy tamdyrda bisirilyar.

Tapyk ýa-da sürüni tapykdan geçirmek-sürini otdan geçirmek dessurynyň Ahal sebitlerinde atlandyrylyşy.

Tirme guşak-keteni matadan taýýarlanan,ini 40sm,uzynlygy 2m bolan erkeleriň guşagy;

Tohum bitdi- ekiniň tamamlanyş güni bilen baglanyşykly bolup,bu baýramçylyk adatça ekiş gutarandan soň bellenilipdir.

Tohumyň müňlesin-ekiş wagtynda ekin ekilýän ýere gelen we deňinden geçip giden hökmany suratda ekiş geçirip ýörene bol hasylyň bolmagyny arzuw edip aýdýan sözi.

Tokly-alty ýedi aydan geçen goýun

Tokly-guzudan uly,alty aýlykdan bir ýaşyna çenli aralykdaky goýun maly.

## Türkmen dili we edebiýaty fakulteti. I “A” topar

Türkmen etnografiýasy Beýik Watançylyk urşy ýyllaryndan soň has giňden öwrenilip başlandy 1945-1960-njy ýyllar aralygynda Sowet Soýuzynyň düzümindäki döwletleriň alymlary Türkmenistanda etnografik ekspedisiýasynda bolýarlar. Serdar Nikolaýewiç Ýomudskiý (1962 aradan çykan) XX asyryň 30-njy ýyllarynda türkmen döwlet muzeýiniň etnografiýa bölüminde işleýär.XX asyryň 50-nji ýyllarynda muzeýiň müdiri bolýar.Gyzyklanan meselesi günbatar Türkmenistanyň çarwalarynyň urug gurluşy bilen baglanyşykly.Walentina Maşkowa bilen GTAKEN-iň 5-nji otrýad düzüminde Bäherden etrabynyň ýerlerinde ekspedisiýada bolup şol ýerlerdäki kärizler, guýular bilen baglanyşykly birnäçe maglumatlary toplap, çap edipdir.

Türkmen mili egin-eşikleriniň görnüşleri-erkek adamlaryň,aýal-gyzlaryň,çagalaryň;

Türkmenistanyň etnografiýasyny 1920-1941-nji ýyllar aralygynda has giňden öwrenen alym Gennadiý Karpow (1890-1947), taryh

ylmynyň kondidaty TSSR-yň at gazanan ylmy işgäri. Karpowyň türkmen we rus dilinde neşir edilen 60-dan gowrak ylmy makalalary bar.Esasy gyzyklanmasy türkmenleriň tire-taýpasy “Türkmenleriň urug we taýpa düzümi”, “Türkmenleriň salyr taýpasy”, “Türkmen ýomut taýpasy”, “Ýitip giden alanlaryň bölejikleri”. Esasy işi “Türkmenistan we türkmenler monografiýasy”.Ol taryhda etnografik oçerk görnüşinde ýazylan.

# Türkmenistanyň etnologiýasy boýunça terminleriň sözlügi

Türkmenleriň gadymy dessuryna görä,ýerleriň sürüm işlerinde aý hasaby boýunça her aýyň 9, 19, 29 günlerinde ýyldyzlaryň ýerleşişi nazarda tutulyp,bu günlerde ýer sürüm işlerine başlamaklyk(sürüm, gazmak, guýy gazmak, pil biln ýer agdarmak we ş.m.)Gadagan edilipdir

Uly patriarhal maşgala – ene-ata, eje-kaka, ogul-gyz, agtyk-çowluk, gelin, birnäçe öýlenen ogullaryň maşgalasy, käbir ýagdaýlarda dul galan gelinler we gyzlary, ýegenler, mamalary degişli bolan maşgala

Uly toý-gadymy döwürde türkmenleriň durmuşy bilen baglanyşykly dessur bolup. Adatça ekin ýygnalyp, hasyl alnandan soň oba-oba bolup bellapdirler,baýramçylyga nahary we toý şagalaňy guramag çykhak çykdajyny şol bir ýabyň suwundan peýdalanýan oba öz boýnuna alypdyr

Unaş - ýuka ýaýylan hamyrdan inçejik hem uzyn kesilen hamyr zolajyklary gaýnap duran duzly suwa atylyp bişirilýän nahar.

Undan taýýarlanýan tagamlar – borek, gutap, manty, islekli, gatlakly.

Üme – durmuşa çykýan gyzyň joralarynyň, gelnejeleriniň we garyndaş gyzlarynyň gyzyň bukjasyny ýetişdirmek üçin kömekleşmegi.

Üşenik – süýji-köke salynýan halydan edilen gap.

Üzüm gaýçy-üzüm gyrkylýan gural

Wakyf ýer-ýer eýeçiliginiň bu görnüşi esasan ruhanylara işan mollalara sowgat-peşgeş hökmünde berilýän ýerler degişli bolupdyr

Walentina Maşkowa Orta Aziýa ýerlerine şol sanda Türkmenistana ekspedisiýa guraýar. Iň uly işleriň biri “Orta Aziýa halklarynyň halylary” 1970ý “Toparyň 1939-njy ýyldaky syýahatyna gysgaça hasabat” ýaly işleri türkmenler bilen baglanyşykly.
Walentina Maşkowa(1902-1952)-Taryh ylymlarynyň kandidaty,onuň iň uly işleriniň biri ‘’Orta Aziýa halklarynyň halylary’’(1970) atly işi

Weýis baba-düýäniň piri.

Ysmanak –baýyrlyk meýdan ýerlerinde ýaz aýlary gögerýän,kertik ýapraklary bişirilip iýilýän ot.

Ýarag-ýagydan üstün çykmak üçin гlanylýan gural

Ýarma – bugdayyn üwelen gornüsinden tayyarlanyan tagam.

Ýasda bişirilýän tagamlar- ritual tagamlar bolup, olara “düşek aşy”, “ýan tokly”, “gara göli” diýip atlandyrylýan

ÝATLYK-atlykdan bolan çaga,7-nji arka.

Ýazlag –ýaz aýlary goýun-geçi sagmak üçingöçülip barylýan otluk öri meýdan.

Ýazlyk ekin-ýazda ekilýän ekinler,ýaz paslynda ekilip,soň hasyly ýygnalýan ekinler(gawun garpyz hyýar,ýazlyk bugdaý we ş.m.)

Ýegen-aýal doganyňdan bolan çaga.

Ýegençi-aýal doganyňdan bolan gyz maşgala.

Ýektaý don-işliksiz,hiç bir bezegi bolmadyk don,garamaýak,ýeter-ýetmez günde ýaşaýan adamlar geýipdir;

Ýeňsiz-içi pagtalanyp,çekilip edilyän,ýeňsiz geýim;

Ýowar-.ekiş,ýygyş we ş.m. Bilen bagly bolan,bilelikde birek-birege kömek-goldaw bermek arkaly alnyp barylýan köptaraply iş.

ÝUWLUK-çowlugyňdan bolan çaga,4-nji arka.

Ýüwürji – aýalyň öz adamsynyň kiçi erkek doganyna bolan garyndaşlyk gatnaşygyny aňladýan söz

Zeňňi baba-sygryň piri.

Zähmet bölünişigi-maşgalada erkekleriň we aýallaryň zähmeti paýlaşmagy